# Bagban öldi

Category: Kitapcy,Publisisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bagban öldi BAGBAN ÖLDI



Näme diýjek bolýanymy makalamyň soňky topbagynda ýazaryn, ilki uzyn giriş bereýin:
Renessans döwrüniň filosoflarynyň şeýle klassyky metaforasy bar: «Ölçeg gülleriň ömri bolsa, bagbanyň ölümini göreni ýok!»
Tebigatyň kanuny: gülüň ömri bagbanyňkydan gysga bolýar.
Müdimilik siwilizasiýalar, ebedilik döwletler ýok. Adamzat «soňsuz» diýýän zadyny görmän bilýär: Rim ýaly, Osmanly ýaly…
Gürrüňsiz, režimlerdir düşünjelerem soňsuz däl, elbet bir gün olaram ýer bilen ýegsan bolýar.
Portugaliýaly ussat ýazyjy, Nobel baýragynyň eýesi Žoze Saramagonyň sosial mediýada eden düýnki çykyşyny diňledim:
*«Hemme zadyň jedeliniň edilýän dünýäsinde ýaşaýarys. Emma demokratiýanyň jedelini edemzok. Demokratiýa tagtynda şeýle bir ornaşykly otyr welin, esasynda ondan indi üýtgeşiklige garaşýanam ýok. Başgalar elimizden alyp durka-da munuň parhyny bilemzok. Çünki güýç çäklenýär. Halanylmaýan hökümetiň işini soňlandyrmak we ýerine-de halaýan hökümetiňi oturtmagyň formasyna öwrüldi. Bolany. Emma möhüm ähmiýetli kararlar bolsa*

*başga ugurda kabul edilýär. Hemmämiz onuñ nirelerde kabul edilýändigini gowy bilýärir. Maliýe kompaniýalarynda, IMF-de, WTO-da, Bütindünýä bankynda, OECD-de… Bu guramalaryñ birem demokratiki guramalar däl. Eýsem şeýle bolýan bolsa nädip demokratiýa barada agyz dolduryp gürläp bilýäris? Olar demokratik ýollar bilen saýlandylarmy? Bu guramalar üçin wekilleri kim saýlaýar, her ýurtdan bolan adamlar saýlanyp-seçilip alynýarmy? Ýok. Onda demokratiýa nirede?»*






* * *

Gresiýanyñ ady rowaýata öwrülen maliýe ministri Ýanis Warufakis Angliýadaky saýlawlar barada düýn şeýle syn berdi:
«Demos-halk häkimiýeti manysyndaky kratiýadan kowuldy!
In demokratiýalarda halk häkimiýeti ýok. Häzir uly köpçülikleýin gatlaklary aldajak bolýarlar. «Halk häkimiýeti» diýilýän sözlere ynanjak bolup duran ýok.
Raýat azatlygy, adamyñ hak-hukuklary, adam başyna düşýän girdejiniñ paýlanyşygy ýaly zatlar bireýýäm ýatdan çykaryldy…
Platonyñ «ideal döwlet» üçin kesgitlän «halkyñ halk üçin halk

tarapyndan dolandyrylyşy» sözüni ýatlajak bolýan ýok».
Ýagny, düýnüň ideal döwlet dolandyryş demokratiýasy häzir ikirjiňlenmeli režime öwrüldi…
Donald Trampdan asgyn geljegini bilen Jo Baýden hernäçe «demokratiýamyz üçin gyra çekildim» diýýänem bolsa, amerikan syýasatynda raýat häkimiýetiniň bökdençsizligi birmahal soňlandy. Çözgütleri halkyň erk-islegi kabul edenok. Global tiranlar-diýdimzorpar üstün çykdy… Demokratiýa öz ýerini elinde puly ýa-da güýji bolanyň häkimiýetde oturan «timokratiýa»-oligarhiýa berdi.
«Deňlik» talap edýänleriň masgaralanýan orta asyr döwrüniň içinden geçýäris…
Uzatmaýyn:
Uzak geçmişi bolan liberal demokratiýa-«bagban» öldi!
«Güller»-halk täze «bagbanyny» gözleýär…

cogito

# ALAIN TOURAINE

# demokrasi nedir?

Çeviren: Olcay Kunal

YKY
YAPI KREDİ YAYINLARI

* * *

Fransuz dilinden iki görnüşde terjime edildi:

– Ynjalyksyz ykdysatçylar manifesti;

– Howatyra düşen ykdysatçylar manifesti…

Adyndanam añşyryp bolşy ýaly, bir topar ykdysatçy 2010-njy ýylda neoliberalizm konflikti boýunça fransuz we ýewropa ykdysadyýeti syýasaty boýunça jedelleşmäge çagyrýan bildiriş yglan etdi. (Bizdäki pop-maliýeçileriñ bar edip bilýän zady twit atmak!)

600-den gowrak adamyñ gol çeken «howatyra düşen ykdysatçylary» häzirki ykdysady logikanyñ neo-liberal ykdysadyýet diktaturasyna garşy çykdy. Başga ykdysady syýasatyñ mümkinligi we gerekliligibbarada jemgyýetçilikde pikir alyşmany ýola goýdy.

Birinji «Ykdysadyýeti üýtget» manifestlerini «Liberation» gazetinde çap etdirdiler. Dowamy-da geldi: «Geljegi üýtget», «Hakykatda nämä mätäçligimiz bar?», «Ýewropa ýaramaz çemeleşildi», «Ýewropany üýtget»…

Hamana «demokratiýanyñ sallançagy» Ýewropada neoliberalizm krizise giren ýalydy we çözgüt hökmünde ýene neoliberalizm boýna dakylýardy! Halk eli-aýagy bagly syn edip oñýardy, «faşizm gelýär» diýip gorkuzylýarsy. Tä 2018-nji ýykda «Sary ýelekliler hereketi» çykýança! Häzir fransuz sagy-da, çepi-de «biz halkdyrys» diýmäge başlady… (Baş oppozision partiýa soñky ýyllardaky ady «RHP»-ni aýryp, «Halk partiýasy» adyna gaýdyp gelermikä?)

Demokratiýa sözüniñ birinji bölegindäki halk-demos dünýäde gitdigiçe möhümleşýär. Ölmez-ýitmezdir öýdülen «bagbanyñ» ýerine täze syýasy adalgalar oýlanyp tapylýar…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 26.07.2024 ý. Publisistika